***Gadymy Horezm topragy bol suwly Amyderýanyň boýunda ýerleşip, ösen medeniýetiň, sungatyň, senetçiligiň we söwdanyň ösen ojagy bolupdyr. Horezmde ýaşan ussalar altyndan, kümüşden, misden, bürünçden, demirden dürli gurallary, şaý-sepleri, oba hojalyk önümlerini ýasapdyrlar, taýýarlanylan önümler dünýäniň beýleki ýurtlarynda ösen islege eýe bolupdyr. Horezmda ezberlik bilen ýasalan jaýlar, binalar, köşkler, metjit-medreseler we beýleki desgalar özboluşlylygy bilen tapawutlanypdyr.***

Şeýle şäherleriň biri bolsa Horezmiň medeniýetine özboluşly öwüşgin berýän Toprakgala şäheridir. Bu ýerden birnäçe heýkellerdir, nepislik bilen ýasalan bezeg şaýlarynyň köp mukdarda we köp nusgada tapylmagy Toprakgalanyň ösen medeniýetli şäher bolandygyny görkezýär. Humlaryň, küýzeleriň we olaryň bölekleriniň arheologlar tarapyndan ýüze çykarylmagy, tapylan tapyndylarda dürli nagyşlaryň bolmagy Horezmde ösen senetçiligiň bolandygyndan habar berýär.  Horezmde otparazçylyk diniň agdyklyk edendigine ybadathanalarda saklanylyp galan müdümilik oduň yzlary şaýatlyk edýär.

Horezm häzirki Daşoguz welaýatynyň çäkleri bolup, bu ýerde birnäçe asyrlar mundan öň dowam eden däp-dessurlaryň şu günki günde hem halk arasynda gabat gelýändigi örän özüne çekiji ýagdaýdyr. Durmuş guryan ýaşlaryň ýanyp duran oda, ýagny 1941 — 1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşunyň gahrymanlarynyň hatyrasyna bina edilen ýadygärligindäki müdimilik oda gül desselerini goýmagy ýa-da bolmasa, gelin getirýän kejebäniň-gelinalyjy ulagyň oduň üstünden geçirilmegi, Nowruz gününde oduň üstünden bökülmegi, ýaşulular tarapyndan töwür galdyrylanda «…ot belasyndan, suw belasyndan goragyn!» ýaly sözleriň aýdylmagy Horezm medeniýetiniň käbir şahajyklarynyň şu günki günde hem dowam edýändiginiň tekrarnamasydyr.

Dünýä medeniýetini, sungatyny äleme äşgär edýän ajaýyp şäherleri bolan türkmenistanlylaryň her biriniň kalby buýsançdan, ýüregi hujuwdan doludyr.

**Bibi TAGANOWA,**
**Türkmen oba hojalyk institutynyň mugallymy.**

Все права защищены